# Hantamaçylygy ret eden şahyr

Category: Edebi makalalar,Goşgular,Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hantamaçylygy ret eden şahyr HANTAMAÇYLYGY RET EDEN ŞAHYR

Ýalňyşmaýan bolsam, 1970-nji ýylyň güýzüdi. Türkmeniň meşhur Pürli Sarysynyň ýetmiş ýaşynyň toýy toýlanýardy. Uly zal adamdan ýaňa hyryn-dykyn doludy. Giň sahnanyň sag ganatynda, kiçijik stoluň başynda oturan goja kişiniň bir gysymjyk göwresi çalynýan sazlara goşulyp, hut gözüň alnynda eräperäp gidäýjek ýalydy. Çalynýan zatlaram ýönemöne zat däldi, olar beýik Sary bagşynyň ogly Pürli Sarynyň ýaş toýuna derejelik sazlardy.
Pürli aganyň öte tolgunýandygy gör nüp durdy: elindäki çaýly käse ýuwaşja titreýärdi. Aram-aram bolsa eli ýaglyga tarap uzaýardy. «Eý, Hudaý jan, keliňem çalany şu sazlarmykan? Atamyň köňlüni örklän tarlarda meniň ýüregimdenem bir zatlar galan bolmaly. Belki, asly sazdandyr bi dünýäň?!»
Ol häzir, megerem, şeýle pikirlere berlipdi. Şol pursada dahylly bolmagyň özem bagtdy. Ynha, görýäňizmi men ony göwher göteren ýaly göterip, şu günlere ýetiripdirin.
Hormatly okyjym, ýogsa-da men saňa ýene-de bir beýik türkmen hakynda gürrüň berjekdim ahyryn. Oňa Mämmet Seýidow diýýärler. Ýigriminji asyr türkmen edebiýatynda sütünleriň biri. Ýene dilimiziň ýülük yzlaýan ýitiligi bilen aýtsam, bir gädigiň eýesi.
«Asly şygyrdan bolaýmasyn bu dünýäň?!» Pürli Saryny gaýtalap, Mämmet Seýidiň ruhy häzir, megerem, şeýle diýýändir. Onuň şoňa haky bardyr. Bu owadan dünýäde pygamber ýaşyny ýaşap, onuň nurana säherleriniň tas hemmesini diýen ýaly dünýewi şygra bagyş eden şahyr görbak näme diýýär:

*Paýhas gerek gaýaň gadryn bilmäge,*
*Penasynda yklaýarkaň gaýanyň.*

Ýada:

Bu ýagty jahanda ýaşan mahalyň,
Gabarjak bolmagyn, kök urjak bolgun!

Ýenede:

Seň ýüzüňe bakyp ýalan sözländen,
Döwülenni eý görermiş aýnalar.

Indi bir bent:

Näçe ýalpyldatsaň mis ýene misdir,
Ýüregi garanyň gözlegi pisdir.
Il gynanar bedew atyň ölmüne –
Gargalara welin toýdur, meýlisdir.

Türkmeniň el bugdaýynyň suw degirmeninde üwelip çykarylan unundan aramsy gelinleriň bişirýän golboýy mele çörekleri bardyr, özlüdir, göni ajygan ýeriňe barar. Ana, şeýledir şu setirler, bir zehiniňe girensoň, soň ömrüňe ygtybarly ýoldaşdyr. Toýlarda-ýaslarda hem-ä ýüzüň tuwagy, hemem yranmaz-mizemez hazynaňdyr.

Mämmet Seýidow ýaly tutuşlygyna topragy-hamyry bilen onuň aly hezretleri Poeziýa siňip giden şahyr soňky döwür türkmen edebiýatynda bir eliň barmaklaryndan kän däldir. Onuň ömri – şygyrlarynda. Baharyň ýagarman bulutlary ýaly ol ýagypýagyp keýpden çykdy.

Ulyuly poemalary ýazdy. Gurşunly kenek ýaly şygyrlary ýazdy. Şamyrat Gurbannepesiň göni ýüregiň üstünden geçýän bal gatylmyş sazlaryndan «Durun mukamyna» ýetdi. Iň esasam, şahyry bu garagöz ymmatda atly eden atsyz goşgulary ýazdy. Onuň rubagylary Omar Haýýamyň dowamy ýaly bir zat boldy. Atsyz goşgulary bolsa Gündogaryň şygyr sungatyna nusgawy ýörelge bolup girdi.

Okyjylar köpçüliginiň, edebi tankydyň, şygyr diýilýän gudrata inçe düşünýän adamlaryň, şahyryň galamdaşlarynyň birleşen pikiriniň yzyna men öz golumy arkaýyn goýup biljek. Şahyr şindi aýatda dirikäde men şeýle pikirdedim. Ynha, indi onuň ýoklugyndada ozalky pikirimde galýaryn. Megerem, düýp gönezlik

şu ýerdedir. Şahyryň şygyrlary öýlenen ogullar ýaly egnini dikläp, hanha, türkmeniň Altyn asyryna goşulyp gitdi. Ine, bir döwletlilik: Garaşsyz Türkmenistan oňa howandar çykdy! Şahyryň şygyrlary onuň ýoklugyny bildirmän, Magtymguly baýragyna mynasyp boldy. Muňa bagt diýerler!
Käte şahyrlar hakynda şeýleräk gürrüňler bardyr: «Aý, ol ýazyň şahyrydyr», «Güýzüň, gyşyň, tomsuň şahyry» we şuňa meňzeş. Mämmet Seýidow – türkmen diýilýän düýbi halal milletiň şahyrydy. Eflatun bilen gidişen pelsepe şahyrydy. Jepbar Hansähedowyň sazynyň ýitiliginiň derejesindäki şahyrdy. Kerim Gurbannepesow üç gezek yzly-yzyna: «Ussat! Ussat! Ussat!» diýende, şonuň bir ýerlerinde hökman Mämmet Seýit bardyr!
Geçen asyryň nusgawy şahyrlarynyň biri Mämmet Seýidow öz döwründen ozup geçen uly şahyrlardandy. Onuň ajaýyp şygyrlarynyň ömrüni türkmen diýilýän dünýewi halk kesgitleýär. Şahyryň iň gowy goşgulary, biribiriniň üstüni ýetirýän, biri-biriniň çeper dowamy bolan şygyrlary özözüňi gaýtalamalardan mazaly arassalanyp, derejeli kitaba geçirilse, ol türkmeniň birgiden nesline dowam-dowam gerek bolar, diýip pikir edýärin.
Öz döwründe şahyryň goşgularyny bütin Türkmenistan uly höwes bilen diňledi. Juma Ýazmyrat ýaly meşhur artistler onuň sesine (şahyr oňa «Meniň sesim» diýer eken) öwrüldi. «Durun mukamy» bu topragyň iň naýbaşy mukamlaryna goşuldy. Ýaşuly nesil ony häzirem ýatlap ýör.
Okyjylar köpçüligi şahyry söýýärdi. Türkmeniň meşhur şahsyýetleri ony sylaýardy. Galamdaş ýoldaşlary ony hatyralaýardy. Beki Seýtäkow ýaly uly ýazyjy hemä onuň redaktorydy, hemem okyjysydy. Durdy Haldurdy, Kerim Gurbannepesow, Nargylyç Hojageldiýew, Hudaýberdi Diwangulyýew, Atamyrat Atabaýew ýaly ýazyjylar baradada şony aýtmak mümkin. Şu ýerde Saýlaw Myradow, Ogultäç Orazberdiýewa, Gurbannazar Ezizow, Nobatguly Rejebow, Agageldi Allanazarow, Sona Ýazowa, Gurbanýaz Daşgynow ýaly ile özüni aldyran döredijilik işgärleriniň atlary tutulsa, öňe süren pikirimizde dolulyk bolardy. Şeýle şahsyýetlere özüňi syladyp bilmek üçin özüň uly bolmaly. Döredijiligiň uly bolmaly. Adam hökmünde şahsyýetiň uly bolmaly.

Geliň, indi şeýle bir pikire berleliň! Hamala, menden öz halypalarymyň döredijilik portretini çekmegi sorapdyrlar. Özem şeýle şert bilen: bir sözlemde çekmeli. Şonuň ýaly ýagdaýda beýleki haly palarym barada oýlanardym. Mämmet Seýidow hakynda welin jogabym nagt: HANTAMAÇYLYGY RET EDEN ŞAHYR! Şu sözleri sözbaşa çykaranymda, men ony ähli gürrüňiň özeni, hamyrmaýasy hasaplapdym. Mämmet halypa Gurbannazar aýtmyşlaýyn «Aýlaryň dogşy ýaly sada» ömür sürdi. Işledi, perzent ýetişdirdi, öz dogan iline hümmetli sözden serpaý ýapdy. Onuň şygyr atly baş söýgüsi bardy. O bolsa ömür bereniňe degýärdi! Gadymy Gündogarda, Alladan yşnakly şygyrlaryň ýurdunda, goşgy-gazal şa derejesi hasaplanýar. Ol toý-meýlisiň bezegi, illeriň-yklymlaryň gözellik täji. Zehini ylahydan berlen şahyrlar hemişe şa köşgünde bir paýly bolupdyrlar.
Mämmet Seýidow diýilýän zandynda üräniň nämedigini bilmeýän arassa şahyr günlerde bir gün şu setirleri orta goýupdy:

*Goý, garga bersinler bilbile derek,*
*Ýöne öz obamyň guşun bersinler.*

Hawa, ol türkmeniň ilinde özüniň bir paýly şahyrdygyny bilýärdi. Il-gün oňa şol paýyny şahyr heniz aýatda dirikä ýürek söýgüsi edip gaýtarypdy. Halypanyň beýikligi: ol şondan uly bagty bilmeýärdi! «Men Mämmet Seýit ahyryn» diýip, sesine bat berip ýörmeýärdi, işleýärdi. Watanyň belent aýdymyny aýdýardy.
Sahy Jepbar şeýle ýaşapdy. Gurbannazar Eziz, Orazgeldi Ylýas, Halyl Kuly şeýle ýaşapdy. Baýraklar-çinler soň ýene bir gün…
Şeýle bolmalydy, şeýlede boldy: olaryň ýoklugynda soň bir gün baýrakly-çinli pursatlar geldi. Biziň ilde nesibe diýibem bir zat bara, nesibeli güni bar herki zadyň.
Ölüleriň öňünde dirileriň hemişe borjy bar. «Mämmet Seýidowa Magtymguly baýragynyň rowa görlen güni dünýä inen setirler» diýen goşgym hem-ä ýaş döwletime buýsançdan, hemem ömür ýollarynda kalba çöken gussalardan bina bolupdy.

*Ýüreklere girip giden nagmaly,*
*Şygyrlary şelpeli hem düwmeli.*

*Mämmet Seýit ölenden soň almaly,*
*Bu nähili söwda bolýar, ýaranlar?!*

Razy bolup Aý ogşamyş senemden,
Setirine demi düşmüş keremden,
Gurbannazar el ýetirdi ölensoň,
Bu nähili waka bolýar, ýaranlar?!

Penalap gyrgydan gaçan kepderi,
Türkmene buýsançdyr onuň mekdebi,
Sahy Jepbar ölenden soň ýetmeli,
Bu nähili dünýä bolýar, ýaranlar?!

Bu gün geň gör, geň görme, bolupdy şeýle döwür. Biz şonuň içinden geçdik ahyryn. Ynha, indi Hudaýa şükür etde, Berkarar döwletiňe, ýurduň dörediji adamyna dost goluny uzadan kalby nurly ýurt Baştutanyna guwanyp işle, döret, ilgünüňi söý!
«Il baryny bilýändir!» Meşhur Sahy bagşynyň şu ylahy sözlerini doga edinip dakynsaňam, heýkel edip göterseňem aýyp däldir.
Uzyn taryhynda ýarymçyklygy ret edip gelen türkmeniň ölçeg birligi alamat perdeden gaýdýar. Ol danasynyň – dana, bagşysynyň – bagşy, şahyrynyň – şahyr bolmagyny isläpdir. Diýmek, Allanyň beren zehinini ahyryna çenli ilgünüňe gaýtarmaly. Şu meselede dünýäde on adamlyk işläp giden Mämmet Seýit arkaýyndyr, çünki ol yzyndan gelýän nesle şeýle setirleri galdyrypdyr:

*Şeý diýýäler: soranmyşlar bürgütden,*
*Bagtyň nämedigni gadym bir wagt.*
*Diýenmiş ol: «Uçup ýören bürgüde –*
*Ýere düşmän ölmek bagtdyr, bagt».*

Goý, dünýäden juwan wagtym gideýin,
Ýa-da ömrüm garrylyga ulaşsyn!
Ýöne welin ussa bolsam, çekijim,
Diňe soňky demde elimden gaçsyn.

… Bir bilbil gül pudagyny yrap, şo-ol saýrap otyr diýýä. Bir gün, iki gün, üç gün. Özem gitdigiçe joşup, kah-kah urup

saýraýarmyşyn. Şonda bir şahyr şeýle diýipdir: «Onuň aýdymlary Watan hakyndadyr, ýogsa bir wagt ýadap, irkilip galardy». Şu sözler lükgeligi bilen türkmeniň atly şahyry Mämmet Seýidowyň şygryýet dünýäsinede degişlidir. Onuň özözünden owazlanyp duran şygyrlary Taňrynyň luw ýylynyň ýazy bolup ýelpedi, oňa iki dünýä ýalkanmyş sözlerini aýtdy. Olar bolsa Ýer-Gök arasynda durnalar ýaly belent uçup, «Meniň ýurdum owadan» diýip, ýaşap gülläp ýör.

*Bulak bolup şaglap inen gaýadan,*
*Ak baharyň, gül baharyň ogly men.*
*Gara daşy ukusyndan oýadan,*
*Ak baharyň, gül baharyň ogly men.*

Bir dyzynda Mežnun, birinde Leýli,
Zöhräniň arzuwy, Senemiň meýli.
Ähli şahyrlaryň beýginden beýgi,
Gül baharyň, şol baharyň ogly men.

Rastdyr, halypa, «Şahyrlaryň beýginden beýgi» diýýäniň seni dünýä beren ene toprakdyr. Onuň aýdymlaryna bolsa birä menzillerde ganaty gyrlyp, çöküp galmak, birem könelmek ýokdur.

Baýram JÜTDIÝEW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy. Edebi makalalar